Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak
ministriniň 2025-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda
çykaran 244-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

# DÖWLET TEBIGY ÝADYGÄRLIKLER HAKYNDA BIRKYSMY DÜZGÜNNAMA

## I bap. Umumy düzgünler

1. Döwlet tebigy ýadygärlikler hakynda birkysmy düzgünnama (mundan beýläk - Düzgünnama) 2012-nji ýylyň 31-nji martynda kabul edilen “Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň (mundan beýläk – Kanun) 7-nji maddasynyň 1-nji bölegine we 37-nji maddasyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we döwlet tebigy ýadygärlikleri ýüze çykarmak, öwrenmek, aýap saklamak, peýdalanmak we döwlet goragy çygryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýär.

2. Döwlet tebigy ýadygärlikleri (mundan beýläk – tebigy ýadygärlikler) ekologik, ylmy, geologik, taryhy-medeni we ekologik gatnaşyklarda seýrek duş gelýän gymmatly tebigy toplumlary we obýektleri öz içine alyp, aýratyn goralýan tebigy ýerlere degişlidir.

3. Tebigy ýadygärliklere ylym we bilim, medeni, estetiki we dynç alyş-sagaldyş gymmaty bolan seýrek duş gelýän ajaýyp tebigy ýerler, üýtgeşik tebigy landşaft toplumlary degişli edilip bilner. Tebigy gelip çykyşly, degilmedik, şeýle hem belli bir derejede adam tarapyndan emele getirlen tebigy ýadygärlikler gorag astyna alynýar.

4. Tebigy ýadygärlikler ekologik, ylmy, geologik, taryhy-medeni we ekologik gatnaşyklarda seýrek duş gelýän gymmatly tebigy toplumlary we obýektleri amatsyz daşky täsirden goramak, olarda arassaçylyk ýagdaýlaryny gowulandyrmak, dolandyrmak, goramak we onda ýörite düzgünleriň berjaý edilmegini üpjün etmek maksady bilen döredilýär.

5. Şu Düzgünnamanyň maksatlary üçin Kanunda ulanylýan düşünjeler ulanylýar.

6. Tebigy toplumlary we obýektleri tebigy ýadygärlikler, olaryň ýerleşýän ýerlerini bolsa aýratyn goralýan tebigy ýerler diýip yglan etmek Kanuna laýyklykda amala aşyrylýar.

7. Tebigy toplumlary we obýektleri tebigy ýadygärlikler diýlip yglan etmegiň esasy wezipesi - olary ylmy, aň-bilim we estetik maksat üçin tebigy ýagdaýlarda saklap galmakdan ybaratdyr.

8. Aşakdaky tebigy toplumlar we obýektler tebigy ýadygärlikler diýlip yglan edilýär:

1) döwlet ähmiýetli – aýratyn goralýan tebigy ýerler babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ygtyýarly edarasy bolan Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň (mundan beýläk - ygtyýarly edara) hödürnamasy boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary bilen;

2) ýerli ähmiýetli – ygtyýarly edara bilen ylalaşylyp, ýerine ýetiriji häkimietiň ýerli edaralarynyň kararlary bilen.

9. Tebigy toplumlary we obýektleri tebigy ýadygärlikler diýip yglan etmek degişli ýer bölekleriniň (suw obýektleriniň) olaryň eýelik edijilerinden we peýdalanyjylaryndan alynmagyna eltmeýär.

## II bap. Tebigy ýadygärlikleriň görnüşleri we gorag düzgüni

10. Tebigy ýadygärlikler şu aşakdaky görnüşlere bölünýär:

1) tebigy suw obýektlerini aýap saklamak üçin niýetlenen gidrologik (köl, derýa we başgalar) - (suw akymlary we suw howdanlary, gidrofiziki we gidrohimiki düzgünine baglylykda özboluşly, medeni, estetiki, saglygy goraýyş ähmiýeti bolan, ýerasty suw nokatlarynyň ýerleri, agyz suwy bilen üpjün etmek üçin ulanylýan suwlar; derýa çeşmeleri; relikt köller; taryhy taýdan gyzyklanma döredýän emeli suw howdanlary we kanallar (ýa-da olaryň bölekleri); tebigy gidromineral toplumlar);

2) ösümlikleriň, haýwanlaryň aýry-aýry görnüşlerini we olaryň seýrek populýasiýalaryň aýap saklanylmagy üçin niýetlenen botaniki we zoologik - (gymmatly, seýrek we ýitip barýan ösümlikleriň we haýwanlaryň ýaşaýan ýerleri; adaty bolmadyk ýa-da täsin tokaý ýollary, ýodalary; gadymy seýilgähler, seýilgähler, uzak ömürli ösümlikler, äpät agaçlar;

3) tebigat tarapyndan döredilen relýef görnüşlerini aýap saklamak üçin niýetlenen geomorfologik – (gowaklar, täsin görnüşli relýefler, wulkanlar, wulkan ýa-da meteorit gelip çykyşly kraterler, meteorit; palçyk wulkany; mineral çeşmeler);

4) gazylyp alynýan obýektleri aýap saklamak üçin niýetlenen paleontologik – (galyndylary, haýwanlaryň, ösümlikleriň we mör-möjekleriň galyndylaryny, yzlaryny öwrenmek arkaly ýerdäki gadymy durmuşy öwrenmek.);

5) geologik we minerologik emele gelmeleri aýap saklamak üçin niýetlenen geologik we minerologik – (ylmy taýdan gymmatly ösümlik we haýwanat dünýäsiniň galyndylarynyň ýerleşýän ýeri; işjeň ýa-da ýitip barýan wulkanlar, gaty lava örtükleri we akymlary, karst çukury, hin, gowak; aýratyn geň ýa-da üýtgeşik howa görnüşleri, gaýalaryň emele gelmegi; palçyk wulkany, wulkan, gümmez häsiýetli ýerler; gadymy organizmleriň gymmatly galyndylary, gymmatly materiallaryň galyndylary);

6) üýtgeşik we aýratyn gymmatly tebigy landşaftlaryň aýap saklanylmagy üçin niýetlenen landşaft – (degilmedik we aýratyn ajaýyp tebigat, tokaý meýdanlary, köl batgalary, çeşmeler, bejeriş çeşmeleri);

7) aýratyn gymmatly tebigy-antropogen landşaftlaryň ýa-da olaryň bölekleriniň utgaşmalarynyň aýalyp saklanylmagy üçin niýetlenen tebigy toplumlar.

Türkmenistanyň çäginde tapylan meteoritler hem goralmaga degişlidir.

11. Tebigy ýadygärlikleriň gorag düzgüni ygtyýarly edara tarapyndan gorag şahadatnamasyny, pasportyny resmileşdirmek we tebigy ýadygärligiň goragynyň üpjün edilmegine jogapkär guramany kesgitlemek arkaly bellenýär.

12. Tebigy ýadygärligiň gorag düzgüni her bir tebigy ýadygärligiň aýratynlyklaryny, maksadyny, gowşak goralanlygyny we tebigy çäreleriň ýerine ýetirilişini göz öňünde tutup işlenip düzülýär.

13. Tebigy ýadygärlikleriň aýalyp saklanmagyna howp salýan işler tebigy ýadygärlikleriň ýerlerinde çäklendirilip ýa-da gadagan edilip bilner.

14. Çäklendirmek ýa-da gadaganlyk düzgüni hemişelik, wagtlaýyn (belli bir döwür üçin) we möwsümleýin bolup biler.

15.Tebigy ýadygärlikleriň ýerlerinde aşakdaky çäklendirmeler ýa-da gadaganlyklar girizilip bilner:

1) gidrologik tebigy ýadygärlikleriň ýerlerinde aşakdakylar gadagan edilip bilner:

a) tebigy suw gözýetimi, gidrogeologiki tertibi we gidrohimiýa düzümini üýtgetmek;

b) suw howdanlarynyň ýerlerini sürmek we kenary bozmak;

ç) kenarýaka suw we batgalyk gorag ösümlikleri ýok etmek;

d) ähli görnüşli motorly suw gämilerini ulanmak.

e) balyk tutmak we aw awlamak (suw tebigy ýadygärlikleriniň goragyny üpjün etmek maksady bilen onuň käbir ýerlerinde gadagan edilip bilner);

2) geologik tebigy ýadygärlikleriň ýerlerinde aşakdakylar gadagan edilip bilner:

a) boş ýa-da gaýaly toprakly ýerleri gazmak we relýef görnüşlerine we geologiki çeşmelere zeper ýetirmek, olary emeli suw howdanlary bilen suwa basdyrmak;

b) ýerleri sürmek;

ç) gurluşyk materiallaryny goşmak bilen peýdaly minerallary gazyp çykarmak;

d) relýefe, gidrogeologiki goraga we umuman landşaft üçin zyýanly netijelere getirip biljek topragy goraýan ösümlikleri ýok etmek we zaýalamak;

e) eroziýanyň emele gelmegine getirip biljek töwerekde gurluşyk we beýleki işleri ýerine ýetirmek;

3) botaniki tebigy ýadygärlikleriň ýerlerinde aşakdakylar gadagan edilip bilner:

a) tokaý çapmak (sanitariýa taýdan çapmak we abatlamak muňa degişli däl);

b) ösümlikleriň görnüşleriniň düzümini üýtgetmek, şol sanda köpeltmek üçin gazmak (sanawdaky aýratyn ösümlikler);

ç) gülleri, ýapraklary, miweleri, kökleri, olaryň şiresini ýygnamak;

d) zeýkeş ýa-da beýleki melioratiw işleri geçirmek,

e) mal bakmak;

i) çemenlik we sähra meýdanlarynda ot ýatyrmak we ösümliklere başga zeper ýetirmek;

4) zoologiki tebigy ýadygärlikleriň ýerlerinde goralýan görnüşleriň ýaşaýyş şertlerini ýaramazlaşdyrýan hereketler gadagan edilýär;

5) ähli tebigy ýadygärlikleriň ýerlerinde awtoulag duralgalarynyň, düşelgeleriň gurulmagy, pestisidleriň (gerbisidleri goşmak bilen) ulanylmagy we gurluşuk işleriniň geçirilmegi gadagan edilýär.

## III bap. Tebigy ýadygärlikleri ýüze çykarmak we hasaba almak

16. Tebigy ýadygärlikler hökmünde goralmaga degişli tebigy toplumlary we obýektleri ýüze çykarmak we hasaba almak boýunça işler birnäçe tapgyrdan ybarat bolup, oňa şular degişlidir:

1) welaýatyň (şäheriň, etrabyň) çäginde şeýle tebigy toplumlaryň we obýektleriň barlygy barada maglumatlary ýygnamak;

2) tebigy toplumlary we obýektleri ýerinde gözden geçirmek;

3) pasportlary taýýarlamak;

4) tebigy toplumlary we obýektleri “tebigy ýadygärlik” diýip yglan edilmegi baradaky kararyň taýýarlanmagyna gatnaşmak;

5) gorag şahadatnamasyny taýýarlamak we ylalaşmak;

6) gorag şahadatnamasyny tebigy ýadygärligiň goragynyň üpjün edilmegine jogapkär gurama gowşurmak.

17. Tebigy ýadygärlikleri ýüze çykarmak, hasaba almak we goragyny üpjün etmek boýunça işler ygtyýarly edaranyň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutynyň, daşky gurşawy goramak boýunça welaýat müdirlikleriň hünärmenleri tarapyndan alymlaryň, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlarynyň, ylmy-barlag, gözleg institutlarynyň işgärleriniň, geologlaryň, botanikleriň, ýerli taryhçylaryň, mekdep mugallymlarynyň, binagärleriň, dizaýnerleriň, meliorasiýa hünärmenleriniň gatnaşmagynda we ýardam bermeginde, bilelikde amala aşyrylýar.

18. Ygtyýarly edara tarapyndan tebigy ýadygärlikleriň goragynyň üpjün edilmegine jogapkär gurama bellenýär. Tebigy ýadygärlikleriniň goragyny üpjün edýän gurama tebigy ýadygärlikleriň pasportyny (şu Düzgünnama goşundy) resmileşdirmelidir.

19. Tebigy ýadygärlikleriniň goragyny üpjün edýän gurama tarapyndan her bir ýadygärlik üçin pasport açylýar we onda şu aşakdakylar görkezilýär:

1) tebigy ýadygärlikleriň ady;

2) tebigy ýadygärlikleriň ýerleşýän ýeri;

3) tebigy ýadygärlikleriň tebigy häsiýetnamasy;

4) tebigy ýadygärlikleriň we olaryň gorag zolaklarynyň beýany;

5) tebigy ýadygärlikleriň we olaryň gorag zolaklarynyň tutýan meýdanlary (aýratynlykda);

6) tebigy ýadygärlikleriň meýdanlarynyň gorag düzgünleri;

7) tebigy ýadygärliklerden peýdalanmagyň rugsat edilen görnüşleri;

8) tebigy ýadygärlikleriň gorag zolaklarynyň bellenilen düzgünleri;

9) tebigy ýadygärlikleriň ýerinde we olaryň gorag zolaklarynda ýerleşen ýer bölekleriniň, ýerlerden peýdalanyjylarynyň ady we hukuk salgylary;

10) pasport düzülen wagtynda tebigy ýadygärlikleriň we olaryň has gymmatly meýdançalarynyň ýa-da aýry-aýry böleklerleriniň, görnüşleriniň ýagdaýlaryny görkezýän fotosuratlar;

11) tebigy ýadygärlikleriň we olaryň gorag zolaklarynyň çäklerini we ýerleşýän ýerlerini göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýän karta-çyzgysy.

20. Her bir tebigy ýadygärlik üçin üç nusgada pasport resmileşdirilýär, pasportyň asyl nusgasy ygtyýarly edarada saklanýar, nusgalarynyň biri tebigy ýadygärligiň ýerleşýän ýerindäki etrap, şäher häkimligine, biri tebigy ýadygärlikleriniň goragyny üpjün edýän gurama berilýär.

21. Her bir tebigy ýadygärlik üçin gorag şahadatnamasy taýýarlanýar. Gorag şahadatnamasynda tebigy ýadygärligi goramak, aýap saklamak bilen bagly borçlar kesgitlenýär. Gorag şahadatnamasyndaky borçlar ygtyýarly

edara tarapyndan tebigy ýadygärligiň ýerleşýän ýerindäki etrap, şäher häkimligi bilen ylalaşylýar.

22.Tebigy ýadygärlikleri ýaramaz antropogen täsirlerden goramak maksady bilen olara ýanaşyk ýerleşen gury ýerleriň we suw giňişlikleriň meýdançalarynda hojalyk işleri düzgünleşdirilýän we gözegçilik edilýän gorag zolaklary döredilip bilner.

23. Tebigy ýadygärlikleriň ýerleri we gorag zolaklaryň çäkleriniň perimetri boýunça ýerleşdirilýän maglumat belgileri bilen belgilenýär. Bu belgileriň maglumat düzümi ygtyýarly edara bilen ylalaşylýar.

24. Her bir tebigy ýadygärlikler olaryň ölçeglerine we tutýan meýdanlaryna garamazdan, olaryň ýerleşýän etrabynyň, şäheriniň ýerden peýdalanyş meýilnamalary işlenip düzülende hasaba alynýar.

25. Çäginde (akwatoriýasynda) tebigy ýadygärlikleri bolan ýa-da işi bu tebigy ýadygärlikleriň ýagdaýyna ýaramaz täsir edip biljek ýuridik we fiziki şahslar olary goramagyň bellenilen düzgünini berjaý etmäge borçludyrlar.

## IV bap. Tebigy ýadygärlikleri peýdalanmagyň maksatlary

26. Tebigy ýadygärlikleriň şu aşakdaky maksatlar üçin peýdalanylmagyna rugsat berilýär:

1) ylmy;

2) ekologiýa aň-bilim işleri;

3) dynç alyş (gezelenç);

4) tebigaty goraýyş (janly organizmleriň görnüşleriniň genetiki goruny gorap saklamak, ösümlikleriň we haýwanlaryň seýrek duş gelýän we ýitip barýan görnüşleriniň ýaşaýyş şertini üpjün etmek we ş.m.);

5) tebigy toplumlary we obýektleri tebigy ýadygärlikler hökmünde yglan etmegiň wezipelerine we olar babatda bellenilen gorag düzgünlerine garşy gelmeýän beýleki maksatlarda peýdalanmaga.

27. Her bir tebigy ýadygärlikleri peýdalanmagyň rugsat edilen görnüşleri olaryň häsiýetlerine, ýagdaýlaryna baglylykda bellenilýär we pasportlarynda görkezilýär.

28. Anyk bir tebigy ýadygärligi ylmy, ekologiýa aň-bilim işleri, dynç alyş, tebigaty goraýyş maksatlarda peýdalanmak üçin rugsatnamalar ygtyýarly edara tarapyndan berilýär.

## V bap. Jemleýji düzgünler

29. Tebigy ýadygärlikleriň, olaryň gorag zolaklarynyň bellenilen düzgünleriniň berjaý edilmegine ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary we ygtyýarly edaranyň ýerlerdäki edaralary gözegçilik edýär.

30. Tebigy ýadygärlikleriň düzgünleriniň bozulmagynda günäkär bolan şahslar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilikleri çekýär.

31. Ýuridik we fiziki şahslar tebigy ýadygärlikleriň düzgünlerini bozmak bilen olara ýetirilen zyýanynyň öwezini Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen möçberde we tertipde dolmaga borçlydyrlar.

32. Tebigy ýadygärlikleriň işini üpjün etmek boýunça çykdajylar Türkmenistanyň döwlet býujetiniň hasabyna, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda beýleki serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

33. Şu Düzgünnama bilen düzgünleşdirilmedik gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Döwlet tebigy ýadygärlikleriň
birkysmy düzgünnamasyna
goşundy

**Döwlet tebigy ýadygärlikleriň**
**Pasporty**

1. Döwlet tebigy ýadygärliginiň ady ________________________________________
_____________________________________________________________________

2. Döwlet tebigy ýadygärligiň ýerleşýän ýeri _________________________________

3. Döwlet tebigy ýadygärligiň häsiýetnamasy
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________

4. Döwlet tebigy ýadygärlikleriň we olaryň gorag zolaklarynyň beýany __________
_______________________________________________________

5. Döwlet tebigy ýadygärlikleriň we olaryň gorag zolaklarynyň tutýan meýdanlary (aýratynlykda)
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________

6. Döwlet tebigy ýadygärlikleriň meýdanlarynyň gorag düzgünleri
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________

7. Döwlet tebigy ýadygärliklerden peýdalanmagyň rugsat edilen görnüşleri
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________

8. Döwlet tebigy ýadygärlikleriň gorag zolaklarynyň bellenilen düzgünleri
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________

9. Döwlet tebigy ýadygärlikleriň ýerinde we olaryň gorag zolaklarynda ýerleşen ýer bölekleriniň, ýerlerden peýdalanyjylarynyň ady we hukuk salgylary
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________

10. Pasport düzülen wagtynda tebigy ýadygärligiň we onyň has gymmatly meýdançalarynyň ýa-da aýry-aýry böleklerleriniň, görnüşleriniň ýagdaýlaryny görkezýän fotosuratlar
_____________________________________________________________________
_____________________________________________________________________

11. Döwlet tebigy ýadygärlikleriň we olaryň gorag zolaklarynyň çäklerini we ýerleşýän ýerlerini göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýän karta-çyzgysy________________________________________________________________
__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________

Etrap (şäher) häkiminiň karary bilen yglan edildi
__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________
(Kararyň belgisi we senesi)

Döwlet tebigy ýadygärliginiň goragyny üpjün edýän gurama
__________________________________________________________________________
__________________________________________________________________________

Pasport iberildi:

1
2
3